**2022-nji ýylyň 12-nji noýabrynda**
**Daşoguz agrosenagat orta hünär**
**okuw mekdebiniň direktory**
**tarapyndan tassyklanan**

# Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň Mugallymlar geňeşi hakynda DÜZGÜNNAMASY

## I. Umumy düzgünler

1.1. Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň Mugallymlar geňeşi (mundan beýläk – Mugallymlar geňeşi) hakynda Düzgünnama “Bilim hakynda” (rejelenen görnüşi) Türkmenistanyň Kanunyna hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 22-nji oktýabrynda çykaran 2487-nji karary bilen tassyklanan “Döwlet orta hünär bilimi edaralary hakynda Düzgünnama”, şeýle hem mekdebiň Tertipnamasyna laýyklykda işlenip düzüldi.

1.2. Mugallymlar geňeşi – toparlaýyn dolandyryş organy bolmak bilen, özünde mugallymlary we beýleki işgärler düzümini jemleýär.

1.3. Mugallymlar geňeşi bilim edarasynda okuw işini dolandyrmak, bilimiň mazmunyny kämilleşdirmek, şeýle hem hünär bilim maksatnamalaryny durmuşa geçirmek, talyplara bilim bermegiň we olary terbiýelemegiň hilini ýokarlandyrmak, usulyýet işlerini kämilleşdirmek hem-de pedagogiki işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak maksady bilen döredilýändir.

1.4. Mugallymlar geňeşiniň çözgüdi direktoryň buýrugy bilen tassyklanýar hem-de bilim edarasynyň ähli işgärleri tarapyndan ýerine ýetirilmegi hökmany şert bolup durýar.

## II. Mugallymlar geňeşiniň meseleleri

2.1. Edaranyň dolandyryş ulgamyny demokratiýalaşdyrmak;

2.2. Bilim işi babatda döwlet syýasatyny durmuşa geçirmek;

2.3. Bilim edarasyny kämilleşdirmegiň maksatnamalaryny, taslamalaryny we meýilnamalaryny işläp düzmek, ara alyp maslahatlaşmak we kabul etmek;

2.4. Edarada bilim işini kämilleşdirmek boýunça mugallymlaryň täzeçillik işlerini öwrenmek we ýaýratmak;

2.5. Mugallymlar geňeşiniň esasy meselesi mugallymçylyk ylmyny we öňdebaryjy mugallymçylyk tejribesini ulanmak arkaly Döwlet bilim standartlarynyň talaplaryna laýyklykda hünär biliminiň hilini ýokarlandyrmak;

2.6. Guramaçylykly çözgüdi kabul etmek;

2.7. Pedagogika, psihologiýa we usulyýet babatda Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň öňdebaryjy ylmy gazananlaryny öwrenmek;

2.8. Mugallymlary hünär synagyndan geçirmek we höweslendirmek boýunça soraglara seretmek.

## III. Mugallymlar geňeşiniň esasy ugurlary

3.1. Bilim edarasyny ösdürmegiň konsepsiýasyny ara alyp maslahatlaşmak we seretmek;

3.2. Okuw işiniň guramagyň esasy görkezijilerini kesgitlemek:

- talyplary hasap-synag möwsümine goýbermek we ýyldan-ýyla geçirmek;
- aralyk we jemleýji synaglary geçirmegiň görnüşi, tertibi we şertleri;
- aralyk synaglary geçirmekde bahalandyryş ulgamlary;
- talyplaryň sapaklarynyň tertibi;
- içki tertip-düzgüni.

3.3. Bilim edarasynyň okuw-terbiýeçilik we usulyýet işlerini ara alyp maslahatlaşmak we tassyklamak;

3.4. Edarada hünärmenleri taýýarlamak boýunça orta hünär biliminiň bilim standartyny, şeýle hem okuw maksatnamalaryny, okuw-usuly üpjünçiligini durmuşa geçirmek boýunça çäreleriň meýilnamasyny ara alyp maslahatlaşmak we kabul etmek;

3.5. Bilim edarasynyň okuw işi, aralyk we jemleýji synaglaryň netijeleri, olara taýýarlyk görmek we geçirmek boýunça çäreleri, ýetişigi pes talyplaryň sebäbini seljermek;

3.6. Edarada terbiýeçilik işleriniň, talyplaryň tertip-düzgüni berjaý edişleri barada topar ýolbaşçylaryň, jemgyýetçilik guramalaryň we beýleki işgärleriň hasabatyny diňlemek hem-de seljermek;

3.7. Bilim edarasynyň usulyýet işleriniň, şol sanda Okuw-usuly toparyň, okatmagyň görnüşi boýunça ulanylýan maglumat tehnologiýalarynyň, usullarynyň we serişdeleriniň kämilligini seljermek;

3.8. Mugallymlaryň täze pedagogiki we maglumat tehnologiýalary babatda toplan iş tejribelerini diňlemek we ara alyp maslahatlaşmak, awtorlyk programmalary, kitaplary, usuly gollamalary we ş.m. döretmek;

3.9. Talyplaryň ylmy-barlag işlerini we çeper döredijiligini kämilleşdirmek boýunça alyp barýan işlerini seljermek;

3.10. Bilim edarasynyň işi bilen baglanyşykly dürli meseleleri ara alyp maslahatlaşmak, şeýle hem edarada zähmeti goramak boýunça işleriň ýagdaýyny seljermek;

3.11. Bilim edarasynyň pedagogiki işgärleriniň hünär kämilleşdirilişi boýunça, olaryň hünär synagy boýunça, zerur bolan halatynda olaryň alyp barýan işleriniň hünär derejesine kybaplygyny seljermek boýunça soraglara seretmek;

3.12. Talyplary okuwdan çykarmak, okuwa dikeltmek, şeýle hem olary höweslendirmek we sylaglamak boýunça soraglara seretmek;

3.13. Öz-özüňi barlamak boýunça hasabatlara seretmäge hem-de seredilýän her bir sorag boýunça takyk möhleti we jogapkäri kesgitlemek bilen çözgütleri kabul etmek;

3.14. Okuw işi bilen baglanşykly mekdebiň içki resminamalaryna

(Düzgünnamalaryna) seretmek;

3.15. Uçurymlaryň işe ýerleşmek boýunça görkezijilerini, olaryň hünär işine taýýarlygyny seljermek we baha bermek, potensial iş berijiler bilen özara hyzmatdaşlygyň mehanizmini işläp düzmek.

## IV. Mugallymlar geňeşiniň düzümi we onuň işini guramak

4.1. Mugallymlar geňeşi aşakdaky düzümde döredilýär:

- bilim edarasynyň direktory;
- direktoryň orunbasary;
- bölüm ýolbaşçylary;
- mugallymlar;
- kitaphana müdiri;
- umumy ýaşaýyş jaýynyň komendanty.

4.2. Mugallymlar geňeşiniň düzümi san taýdan çäklendirilmeýär. Mekdepde zähmet çekýän her bir mugallym işe başlan gününden başlap zähmet şertnamasyny ýatyrýança mugallymlar geňeşiniň agzasy bolup durýar.;

4.3. Mugallymlar geňeşiniň ýygnagyna mekdepde bilim alýan talyplar hem çagyrylyp bilner;

4.4. Mugallymlar geňeşiniň ýygnagyna zerur bolan halatynda okuw işi babatynda ýakyndan aragatnaşyk saklaýan jemgyýetçilik guramalaryň wekilleri, talyplaryň hossarlary, talyplar geňeşiniň agzalary we beýlekiler çagyrylyp bilner.

Mugallymlar geňeşiniň ýygnagyna çagyrylan şahslar ses bermek hukugyna eýedirler;

4.5. Mugallymlar geňeşiniň düzümi direktor tarapyndan bir ýyl möhlet bilen tassyklanýar. Mugallymlar geňeşi kätibi öz düzüminden saýlanmak bilen, ol jemgyýetçilik başlangyçlary esasynda işleýär. Mugallymlar geňeşiniň başlygy mekdebiň direktorydyr;

4.6. Mugallymlar geňeşi öz işini degişli agzalary tarapyndan berilen teklipler esasynda düzülen meýilnama laýyklykda guraýar we geçirýär. Meýilnama bir okuw ýyly üçin işlenip düzülmek bilen, ol geňeşiň ýygnagynda tassyklanýar;

4.7. Mugallymlar geňeşi adatça iki aýdan bir gezek, iş wagty geçirilýär. Direktoryň çözgüdi esasynda ýa-da onuň agzalarynyň üçden bir böleginiň talapnamasy esasynda zerur halatynda nobatdan daşary ýygnak hem geçirilip bilner;

4.8. Mugallymlar geňeşinde çözgüt, oňa gatnaşýan agzalaryň ses bermegi esasynda amala aşyrylýar. Berlen ses deň bolanda, başlygyň sesi karar kabul etmek üçin artykmaç hukuga eýedir;

4.9. Ses bermek işine onuň agzalarynyň 50 göterimden köp bölegi gatnaşsa, onda kabul edilen çözgüt hukuk güýjüne eýe bolýar;

4.10. Mugallymlar geňeşiniň kararyny ýerine ýetirmek boýunça guramaçylyk işlerini mekdebiň direktory we karar görkezilen beýleki jogapkärler amala aşyrýar;

4.11. Mugallymlar geňeşiniň geçiriljek wagty, ýeri we onuň gün tertibi ýygnagyň geçiriljek gününden bir hepde öň habar berilmeli;

4.12. Direktor Mugallymlar geňeşiniň çözgüdi bilen ylalaşmadyk ýagdaýynda, çözgüdi durmuşa geçirmek işini saklaýar we esaslandyryjy delilnamalar esasynda bu sorag nobatdaky ýygnakda gaýtadan seredilýär;

4.13. Gijikdirilmegine ýol berilmeýän şahsy meseleler babatynda gyssagly çözgüdi kabul etmek üçin gysgaldylan düzümde “kiçi düzümdäki Mugallymlar geňeşi” geçirilip bilner. Oňa seredilýän mesele bilen baglanşykly iş alyp barýan Mugallymlar geňeşiniň agzalary çagyrylýar. “Kiçi düzümdäki mugallymlar geňeşiniň” çözgüdi Mugallymlar geňeşiniň nobatdaky ýygnagynda tassyklanýar;

4.14. Gün tertibiniň her bir meselesi boýunça Mugallymlar geňeşi çözgüdi kabul edýär. Mugallymlar geňeşiniň çözgüdinde her bir sorag boýunça ýerine ýetirmegiň takyk möhleti we jogapkäri kesgitlenmelidir. Mugallymlar geňeşiniň her bir ýygnagynda möhleti dolan meseleler boýunça olaryň ýerine ýetirilişi barada habar berilmeli. Ara alnyp maslahatlaşylýan soraglar boýunça mugallymlar geňeşiniň her bir agzasy öz pikirini aýtmaga doly haklydyr;

4.15. Mugallymlar geňeşi işleýän döwründe onuň ähli agzalary deň hukukdan peýdalanýar. Çözgüt kabul edilende her bir agzanyň bir ses bermäge hukugy bardyr;

4.16. Mugallymlar geňeşiniň çözgüdini ýerine ýetirmek her bir mugallym we talyp üçin hökmanydyr. Zerur bolsa mugallymlar geňeşiniň çözgüdi direktoryň buýrugy bilen hem yglan edilip bilner. Mugallymlar geňeşiniň çözgüdi onuň kabul edilen wagtyndan başlap (buýruk çykarylandan soňra) güýje girýär.;

4.17. Mugallymlar geňeşiniň çözgüdi Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda degişli tertipde şikaýat edilip bilner. Şikaýadyň berilmegi hukuk goraýjy organlar tarapyndan degişli tertipde şikaýada seredilýänçä Mugallymlar geňeşiniň çözgüdiniň diňe şikaýatçy tarapyndan ýerine ýetirilmezligine esas bolup biler;

4.18. Mugallymlar geňeşiniň çözgüdi okuw işine gatnaşýan her bir agzasynyň Konstitutsion, Kanuny we zähmet şertnamasy esasynda kesgitlenen hukuklaryny çäklendirmäge haky ýokdur.

## V. Mugallymlar geňeşiniň resminamalary

5.1. Mugallymlar geňeşiniň ýygnaklary teswirnama görnüşinde resmileşdirilýär we mugallymlar geňeşiniň teswirnamalar kitabynda hasaby ýöredilýär;

5.2. Teswirnamalaryň kitabyny Mugallymlar geňeşiniň kätibi ýöredýär;

5.3. Teswirnamalaryň tertip belgisi her okuw ýylynda täzeden belgilenip başlanýar;

5.4. Mugallymlar geňeşiniň teswirnamasy on günüň dowamynda düzülýär. Teswirnamada:

- teswirnamanyň tertip belgisi;
- ýygnagyň geçirilen güni;
- geňeşiň agzalarynyň umumy sany, olardan ýygnaga gatnaşanlaryň sany;
- ýygnaga çagyrylanlaryň familiýasy we wezipesi;

- ýygnagyň gün tertibi;
- ýygnaga gatnaşyjylaryň çykyşlarynyň, bellikleriniň we tekliipleriniň gysgaça mazmuny;
- gün tertibiniň her bir soragy boýunça sese goýmagyň netijeleri we kabul edilen çözgütleri görkezilýär.

5.5. Mugallymlar geňeşiniň teswirnamalar kitaby mekdebiň at ýazgylarynyň sanawyna girmek bilen, ol mekdepde hemişe saklanýar we delilnama esasynda geçirilýär;

5.6. Mugallymlar geňeşiniň teswirnamalar kitaby sahypalanmaly hem-de direktoryň goly we möhüri bilen tikilmeli;

5.7. Teswirnamalara geňeşiň başlygy we kätibi gol çekýär hem-de ol 10 ýyl möhlet bilen mekdepde (ýa-da arhiwde) saklanýar.

## VI. Mugallymlar geňeşiniň jogapkärçiligi we ygtyýarlyklary

6.1. Mugallymlar geňeşiniň borçlary:
- mekdebiň bilim konsepsiýasyny kämilleşdirmek boýunça umumy çemeleşmeleri işläp düzmek;
- pedagogiki işgärleriň öňdebaryjy mugallymçylyk tejribelerini bahalandyrmaga, umumylaşdyrmaga we ýaýratmaga;
- mekdebiň ýarymýylda we ýylda ýerine ýetiren işleriniň jemini jemlemek;
- öň kabul edilen çözgütleriň ýerine ýetirilişini gözegçilikde saklamaga.

6.2. Mugallymlar geňeşiniň hukuklary:
- mugallymlaryň ählisinden hereketleriň we çemeleşmeleriň bitewiligini talap etmäge;
- mugallymlary sylaglara hödürlemäge;
- dolandyryşy kämilleşdirmek boýunça ýolbaşçy düzümlere teklip bermäge;
- talyplaryň ene-atalaryna ýa-da olaryň zähmet çekýän edaralaryna çagalaryny gowy terbiýeländigi üçin minnetdarlyk hatyny ugratmaga;
- mugallymlar geňeşinde kabul edilen çözgüdi mekdebiň ýolbaşçylaryndan durmuşa geçirilmegini talap etmäge.

6.3. Mugallymlar geňeşiniň jogapkärçiligi:
- okuw işi üçin işlenip düzülen çemeleşmeleriň esaslylygyna;
- mugallymlaryň alyp barýan işlerine obýektiw baha bermäge;
- seredilýän soraglaryň wajyplylygyna;
- mugallymlar geňeşiniň çözgüdiniň öz wagtynda talyplaryň hossarlarynyň dykgatyna ýetirilmegine;
- mugallymlar geňeşiniň çözgüdiniň öz wagtynda ýerine ýetirilmegine.